# Kit süňkleri

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Kit süňkleri Kit süňkleri

Kit süňkleri çagşap ýatyr kenarda
Ak-ak oňurgalar ala dagmydy?
Niçe müň ton süňkler ýuwdan kitleriň
Öz süňküni elläp gören barmydy?

…Läheňler gozgansa, umman çaýkanyp,
Okean yranyp, tapynýar dowul.
Polatdan guýlan gunt deý gämiler,
Kit gelýär! Hany, heý, öňünden sowul!

…Ynsanlary ynsan döräli bäri,
Jandarlary jandar döräli bäri,
Gämileri gämi döräli bäri,
Iň täze tankeri hem gadym saly
Kitler ýuwudýar käte çöp ýuwdan ýaly.

Ýöne welin göwrümi giň okean,
Ýöne welin öwrümi giň okean,
Çaýkanyp-çaýkanyp şondan ikiýan,
Ysnat etse beren ene süýdüne –
Öz goýnundan ýetişdiren kitinem
Gojaman tolkunna dolýar-da bir gün,
Çyrpynyp heýjana gelýär-de bir gün,
Başdan aýlap, honda zyňyp goýberýär!

…Kit süňkleri ýatyr… Alysdan bolsa
Dürbi tutup geçip barýar dargalar.
Ýatyr kit süňkleri. Dag ýatan ýaly,
Oňurgasyn çokup otyr gargalar!…

Sahalin, 1970

Annaberdi Agabaýew Goşgular